**Ahal welaýatynyň çäginde ýerleşýän kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň, şeýle hem welaýatyň ýaşaýjylarynyň dykgatyna!**

Bäherden etrabynyň zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölümi 2022-nji ýylyň 24-nji iýunynda Bäherden etrabynyň (Aşgabat-Türkmenbaşy garaýolunyň 100-nji kilometrinde ýerleşýän) Medeniýet bölüminiň edara binasynda sagat 10:00-dan-13:00-a çenli aralykda boş iş orunlarynyň hödürleniş çäresini geçirýändigini habar berýär!

Kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň özlerindäki boş iş orunlary baradaky maglumatlary bilen bilelikde agzalan çärä wekilleriniň gatnaşmaklaryny üpjün etmeklerini;

Işe ýerleşmek isleýän raýatlaryň bolsa, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy, eger bar bolsa, zähmet depderçesi hem-de hünärini tassyklaýan resminamasy bilen agzalan çärä gatnaşmaklaryny haýyş edýäris.

**Çäräniň geçiriljek ýeriniň salgysy:**

Bäherden etrabynyň (Aşgabat-Türkmenbaşy garaýolunyň 100-nji kilometrinde ýerleşýän) Medeniýet bölüminiň edara binasynda

Habarlaşmak üçin telefon belgi:
**(800131) 23-0-52**